**Berkarar döwletimiziň täze taryhy eýýamynda amala aşyrylýan beýik özgertmeler halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini täze belentliklere göterýär. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramyna barýan ak ýollarymyzda, Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynda täze, döwrebap şäherçäniň düýbüniň tutulmagy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň nobatdaky dabaralanmasy boldy. Bu tutumly iş, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň iň şanly wakalarynyň biri hökmünde taryha girdi.**

Ata-babalarymyzyň gurluşyk we binagärlik medeniýeti şu günki gün Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen täze many-mazmuna eýe bolýar. Amala aşyrylýan her bir gurluşyk taslamasy halkymyzyň bagtyýar geljeginiň binýadyny berkidýär. Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Ymambaba geňeşliginde täze şäherçäniň düýbüniň tutulmagy diňe bir gurluşyk taslamasy bolman, eýsem pederlerimizden gelýän «Abatlyk — bina bilen» diýen sarsmaz ýörelgäniň häzirki döwrüň ajaýyp ösüşleri bilen sazlaşýandygynyň subutnamasydyr.

Döwlet Baştutanymyzyň pähim-paýhasyndan kemal tapan bu beýik tutumlar täze taryhy eýýamyň nurana sahypalaryny ýazýar. Şäherçede guruljak mekdepler, çagalar baglary we medeniýet ojaklary ýaş nesillerimiziň milli däp-dessurlarymyz esasynda döwrebap bilim-terbiýe almagynda, ylym älemine ynamly gadam goýmagynda mizemez binýat bolar. Bu binalar ýaşlarymyzy täze ýeňişlere ruhlandyrmak bilen, olaryň röwşen arzuwlarynyň hasyl bolýan mekanyna öwrüler.

Bularyň ählisi ýurdumyzda adam hakdaky aladanyň ähli özgertmeleriň özenini düzýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Sagdyn ruhly, kämil nesilleri kemala getirmek ugrunda edilýän bu tagallalar döwletimiziň geljegine goýulýan iň uly maýa goýumdyr. Mary topragynda düýbi tutulan täze şäherçe «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş şygarlaryň durmuş hakykatyna öwrülýändigini ýene bir ýola bütin dünýä äşgär edýär.

**Arslan RAHYMOW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 2-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 14.06.2026